TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ, WELAÝAT, ETRAP, ŞÄHER HALK MASLAHATLARYNYŇ WE GEŇEŞLERIŇ AGZALARYNYŇ SAÝLAWLARY

# MILLI SYNÇYLAR ÜÇIN GOLLANMA

TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ, WELAÝAT, ETRAP, ŞÄHER HALK MASLAHATLARYNYŇ WE GEŇEŞLERIŇ AGZALARYNYŇ SAÝLAWLARY

# MILLI SYNÇYLAR ÜÇIN

## GOLLANMA

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2023



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOW



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# Giriş

Ýurdumyzda geçirilýän saýlawlar köklerini ata-babalarymyzyň milli demokratik ýol-ýörelgelerinden alyp gaýdýar. Asyrlaryň dowamynda kämilleşdirilip gelnen ol ýol-ýörelgeler häzirki zaman talaplaryna laýyklykda döwrebaplaşdyrylyp dowam etdirilýär. Munuň özi jemgyýetçilik durmuşynda orun alan demokratiýanyň, halk häkimiýetliliginiň ýüzýyllyklaryň synagyndan geçendigini, halkyň öz erk-islegi esasynda saýlan adamlarynyň Watana, il-güne hyzmat edip, saýlawçylarynyň bähbitlerini gorandyklaryny görkezýär.

Jemgyýetçilik durmuşyny demokratiýalaşdyrmak meselesi Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň parasatly baştutanlygynda amala aşyrylýan özgertmeler syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biridir. Türkmenistanda bu babatda çuňňur özgerişler bolup geçýär.

Hormatly Prezidentimiziň tagallalary netijesinde, saýlawlaryň geçirilişine syn etmegiň demokratik ýörelgelerini halkara kadalaryna laýyklykda has-da kämilleşdirmek arkaly, jemgyýetçilik durmuşynda halk häkimiýetliliginiň dabaralanmagyny gazanmak milli synçylaryň esasy üns berýän taraplarynyň birine öwrüldi.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň, Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň, şeýle hem gol çekilen halkara şertnamalarynyň kadalarynyň berjaý edilmegi ýurdumyzda geçirilýän dürli görnüşli saýlawlaryň ösen dünýäniň talaplaryna laýyk derejede guralýandygyndan habar berýär. Munuň özi halkyň ähli gatlaklarynyň wekilleriniň öz erk-islegini açyk we erkin beýan edip bilmekleri üçin döredilen oňyn şertlerdir.

Bu demokratik ýörelgeleriň netijesinde, türkmen jemgyýeti hil taýdan özgerdi, ösdi. Onda emele gelen sazlaşyk bolsa köp partiýalylygyň döremegine, dürli gatlaklaryň pikirlerine çuň hormat goýulmagyna getirdi.

Dünýä bileleşiginiň doly hukukly agzasy bolmak bilen, Türkmenistan bu gün häzirki zaman jemgyýetiniň demokratik ýörelgelerini çuňlaşdyrmak ýoly bilen öňe ynamly gadam urýar. Ýurduň jemgyýetçilik-syýasy durmuşyny mundan beýläk-de demokratiýalaşdyrmaga, raýat jemgyýetiniň institutlaryny emele getirmäge, saýlawlaryň häzirki zaman usullaryny ornaşdyrmaga gönükdirilen işleriň depgini günsaýyn artýar.

Saýlawlara syn etmegiň baş maksady raýatlaryň saýlaw hukugyny goramaga, ýurdumyzda saýlawlary demokratik derejede geçirmek boýunça halkara borçnamalaryny ýerine ýetirmäge ýardam bermäge gönükdirilendir.

Halkara tejribelerinde saýlawlara syn etmegiň uzak möhletleýin we gysga möhletleýin görnüşleri bardyr.

*Uzak möhletleýin syn etmek* – tutuş saýlaw möwsümini, möwsümiň başyndan soňuna çenli, ýagny saýlawlaryň jemlerini yglan etmek döwrüni hem öz içine alýar.

*Gysga möhletleýin syn etmek* – ses bermegiň barşyny we ses bermegiň netijelerini kesgitlemek işlerine syn etmekdir.

Türkmenistanyň Konstitusiýasy we Türkmenistanyň Saýlaw kodeksi geçiriljek saýlaw möwsüminiň kanuny binýady bolup durýar.

Şu gollanma Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, Türkmenistanyň Saýlaw kodeksine we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda işlenilip düzüldi. Gollanmada milli synçylaryň saýlaw möwsüminde alyp barýan işleriniň düzgünleri beýan edilýär.

## I. Umumy düzgünler

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Mejlisiniň *(mundan beýläk – Mejlis)* deputatlarynyň, welaýat, Aşgabat şäher *(mundan beýläk – welaýat)*, etrap, etrap hukukly şäher *(mundan beýläk – etrap, şäher)* halk maslahatlarynyň, Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlary gizlin ses bermek arkaly ählumumy, deň, göni saýlaw hukugy we bäsleşik esasynda geçirilýär.

Saýlawlar hakynda Türkmenistanyň kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanýar hem-de Türkmenistanyň Saýlaw kodeksinden we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ybaratdyr.

Eger, Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda Türkmenistanyň Saýlaw kodeksinde göz öňünde tutulan kadalardan başga kadalar bellenilen bolsa, onda halkara şertnamalarynyň kadalary ulanylýar.

Türkmenistanyň on sekiz ýaşy dolan raýatlarynyň saýlamaga hukugy bardyr.

Türkmenistanyň raýatlarynyň haýsy millete degişlidigine, teniniň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk hem wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dine garaýşyna, syýasy ygtykatyna, haýsy partiýa degişlidigine ýa-da hiç partiýa degişli däldigine garamazdan, olaryň saýlamaga, saýlanmaga bolan hukuklaryny göni ýa-da gytaklaýyn çäklendirmek gadagan edilýär.

Saýlawlara kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen raýatlar, azatlykdan mahrum ediliş ýerlerinde jeza çekýän adamlar gatnaşmaýarlar. Beýleki halatlarda raýatlaryň saýlaw hukuklarynyň çäklendirilmegine ýol berilmeýär we

Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen jogapkärçilige eltýär.

Her bir saýlawçynyň bir sesi bardyr.

Saýlawçylaryň öz erkini beýan edişine gözegçilik etmäge ýol berilmeýär.

Mejlisiň deputatlary, welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň agzalary bäş ýyllyk ygtyýarlylyk möhleti bilen saýlanylýarlar.

Saýlawlarda saýlaw okruglary boýunça saýlawlaryň jemini uçastok saýlaw toparlarynyň teswirnamalarynyň esasynda welaýatyň, Aşgabat şäheriniň *(mundan beýläk – welaýat)*, etrabyň we etrap hukukly şäheriň *(mundan beýläk – etrap, şäher)*, etrapdaky şäheriň, şäherçäniň we geňeşligiň *(mundan beýläk – geňeşlik)* hem-de okrug saýlaw topary öz mejlisinde kesgitleýär.

Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek boýunça merkezi topar *(mundan beýläk – Merkezi saýlaw topary)* saýlawlardan soň ýedi günden gijä goýman, Türkmenistan boýunça saýlawlaryň jemini jemleýär.

## II. Saýlawlary bellemek we olary geçirmegi üpjün etmek

Saýlawlar Mejlisiň deputatlarynyň, welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň, Geňeşleriň agzalarynyň ygtyýarlyk möhletiniň tamamlanmagyna azyndan üç aý galanda Mejlis tarapyndan bellenilýär.

Saýlawlary bellemek hakynda karar kabul edilen gününden beýläk bäş günden gijä goýman, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde resmi taýdan çap edilmäge degişlidir.

Merkezi saýlaw topary saýlaw möwsüminiň başlanýandygy hakynda saýlawlar gününe çenli azyndan ýetmiş gün galan-

da yglan edýär. Bu habar köpçülikleýin habar beriş serişdeleri arkaly ilatyň dykgatyna ýetirilýär.

Saýlawlara taýýarlyk görmegi we olary geçirmegi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döredilýän saýlaw toparlary üpjün edýärler.

Saýlawlara taýýarlyk görmekde we olary geçirmekde saýlaw toparlary öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde döwlet häkimiýet edaralaryndan we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryndan garaşsyzdyrlar.

Saýlaw toparlarynyň işine döwlet häkimiýet edaralarynyň we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň, syýasy partiýalaryň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, edaralaryň, guramalaryň, kärhanalaryň, şeýle hem wezipeli adamlaryň hem-de raýatlaryň gatyşmagyna ýol berilmeýär.

Mejlisiň deputatlarynyň, welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň, Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlaryny geçirmegi şu aşakdaky saýlaw toparlary guraýarlar:

– Merkezi saýlaw topary;
– welaýatlaryň saýlaw toparlary;
– etraplaryň, şäherleriň saýlaw toparlary;
– okrug saýlaw toparlary;
– geňeşlik saýlaw toparlary;
– uçastok saýlaw toparlary.

Saýlawlar güni ses bermek sagat 7-den 19-a çenli geçirilýär. Milli synçylar saýlaw uçastogynda ses bermegiň barşyny synlanlarynda, olar ses bermegiň hereketleri görnüp durar ýaly oňaýly ýerde ýerleşmelidirler.

Ses berilýän jaýda uçastok saýlaw toparynyň agzalaryny, synçylary we saýlaw kabinalaryny, saýlaw gutularyny ýerleşdirmegiň mysaly nusgasy aşakdaky çyzgyda görkezilendir.




**SAÝLAW UÇASTOGYNYŇ ÝERLEŞIŞ TERTIBI:**

- **A** Uçastok saýlaw toparynyň agzalary.
- **B** Uçastok saýlaw toparynyň başlygy, orunbasary we kätibi.
- **Ç** Syncylar, dalaşgärleriň ynanylan adamlary.

**SAÝLAWÇYNYŇ SES BERMEGINIŇ HEREKETLERI:**

1. Saýlawçynyň resminamasyny barlamak, bellik etmek we býulleten bermek.
2. Kabinada ses bermek.
3. Býulleteni saýlaw gutusyna atmak.
4. Saýlaw uçastogyndan çykmak.

## III. Milli synçylary bellemek we olary bellige almak

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 6-njy maddasyna laýyklykda, saýlawlara syn etmegi öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde dalaşgärleriň ynanylan adamlary, milli synçylar, daşary ýurtlaryň, halkara guramalarynyň synçylary (daşary ýurt (halkara) synçylary) amala aşyryp bilerler.

Döwlet häkimiýet edaralarynyň we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylaryndan, kazylardan, prokurorlardan, saýlaw toparlarynyň agzalaryndan, dalaşgärlerden, dalaşgärleriň ynanylan adamlaryndan başga saýlaw hukugy bar bolan Türkmenistanyň raýaty milli synçy bolup biler.

Milli synçylary bellemek hukugy syýasy partiýalara, jemgyýetçilik birleşiklerine, raýatlaryň toparlaryna we dalaşgärlere degişlidir.

Milli synçylary bellemegi syýasy partiýalar, jemgyýetçilik birleşikleri öz ýerli guramalarynyň mejlislerinde, raýatlar toparlary öz ýygnaklarynda, dalaşgärler bolsa bellige alnandan soň amala aşyrýarlar.

Milli synçyny bellemek boýunça raýatlar toparynyň ýygnagyna saýlaw hukukly raýatlaryň azyndan otuzysy gatnaşsa, ol ygtyýarlydyr.

Dalaşgärler öz saýlaw okrugynyň çägindäki saýlaw uçastoklarynyň her birine bir milli synçy belläp bilerler.

Milli synçylary bellemek boýunça geçirilen mejlisleriň, ýygnaklaryň beýany bolmalydyr. Raýatlar topary tarapyndan geçirilen ýygnaga gatnaşan raýatlaryň sanawy şu gollanmanyň *1-nji nusgasyna laýyklykda* düzülmelidir.

*1-nji nusga*

**20__-nji(y) ýylyň __-nji(y) martynda geçiriljek Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň, Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlaryna milli synçy bellemek boýunça raýatlar toparynyň ýygnagyna gatnaşan raýatlaryň**

**SANAWY**

| T/b | Familiýasy, ady, atasynyň ady | Doglan senesi | Ýaşaýan ýeri |
|---|---|---|---|
| | | | |
| | | | |
| | | | |
| | | | |
| | | | |
| | | | |
| | | | |
| | | | |
| | | | |
| | | | |
| | | | |

Ýygnagyň başlygy ______________ ____________________

(goly) (ady, familiýasy)

Syýasy partiýalar, jemgyýetçilik birleşikleri, raýatlaryň toparlary hem-de dalaşgärler özleriniň bellän milli synçylarynyň sanawyny *(2-3-nji nusgalar)* degişli welaýat saýlaw toparyna bellige almak üçin iberýärler.

*2-nji nusga*

**_________ welaýat**
**saýlaw toparyna**

**20__-nji(y) ýylyň __-nji(y) martynda geçiriljek Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň, Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlary boýunça**

______________________________________________

(syýasy partiýanyň, jemgyýetçilik birleşiginiň, raýatlaryň toparynyň, dalaşgäriň ady)

**tarapyndan bellenilen milli synçylary aşakdaky sanawa laýyklykda bellige almagyňyzy haýyş edýäris.**

| T/b | Familiýasy, ady, atasynyň ady | Doglan ýyly | Işleýän ýeri we eýeleýän wezipesi |
|---|---|---|---|
| | | | |
| | | | |
| | | | |
| | | | |
| | | | |
| | | | |
| | | | |

20__-nji(y) ýylyň ______________ nji(y) _________________
(güni) (aýy)

**Ýolbaşçy** _________ _______________
M.Ý. (goly) (ady, familiýasy)

**Bellik:** Milli synçylaryň sanawynyň ýanyna olaryň her biriniň 3x4 sm ölçegdäki 1 sany reňkli fotosuraty we degişli maglumatlary hem-de hil düzümi goşulmalydyr.

*3-nji nusga*

**20__-nji(y) ýylyň __-nji(y) martynda geçiriljek Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň, Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlary boýunça ________ tarapyndan bellenilen milli synçylaryň**

**HIL DÜZÜMI**

«___»________ 20__ ý.

| T/b | Maglumatlaryň sanawy | Sany | % |
|---|---|---|---|
| | **Synçylaryň sany** | | |
| | Erkek | | |
| | Aýal | | |
| | **Ýaşy boýunça** | | |
| | 30 ýaşa çenli | | |
| | 30-40 ýaşa çenli | | |
| | 40-50 ýaşa çenli | | |
| | 50-den ýokary | | |
| | **Bilimi boýunça** | | |
| | Ýokary | | |
| | Ýörite orta | | |
| | Orta | | |
| | **Işleýän ulgamy** | | |
| | Senagat, gurluşyk | | |
| | Ulag we aragatnaşyk | | |
| | Oba we suw hojalygy | | |
| | Ylym, bilim | | |
| | Syýasy partiýalar, jemgyýetçilik birleşikleri | | |
| | Medeniýet we sungat | | |
| | Saglygy goraýyş | | |
| | Durmuş üpjünçiligi | | |
| | Maliýe we ykdysadyýet | | |
| | Beýleki ulgamlar | | |
| | **Milleti boýunça** | | |
| | Türkmen | | |
| | ... | | |

**Ýolbaşçy** __________ ______________

M.Ý. (goly) (ady, familiýasy)

Welaýat saýlaw topary sanawy alandan soň, bellenilen düzgünlere laýyklykda, milli synçylary bellige alýar we olara şahsyýetnama *(4-nji nusga)* berýär.

*4-nji nusga*


____________________
(geçirilýän saýlawlaryň senesi)

____________________
(geçirilýän saýlawlaryň ady)

**ŞAHSYÝETNAMA № ___**

__________ **welaýaty boýunça**

**MILLI SYNÇY**

____________________

____________________

Surat ýeri
(3x4sm)

________ **welaýat saýlaw**
**toparynyň başlygy** ________________

*M.Ý.*

Şahsyýetnama saýlawlaryň netijeleri resmi taýdan çap edilen gününden güýjüni ýitirýär.

**Berlen senesi:** __.__.20__ ý.

Şahsyýetnama saýlawlara taýýarlyk görmegiň we geçirmegiň barşynda synçynyň işiniň ýerine ýetirilmegi üçin esas bolup durýar.

Milli synçylar saýlaw möwsümi bilen baglanyşykly işleri alyp baranlarynda, olaryň ýanynda degişli şahsyýetnamasy bolmalydyr.

Milli synçy tarapyndan düzgün bozulmalara ýol berlen halatynda, welaýat saýlaw topary onuň resmi taýdan bellige alynmagyny ýatyryp biler.

Milli synçylary bellemek işlerine Merkezi saýlaw topary tarapyndan saýlaw möwsüminiň başlanandygy yglan edilen gününden girişilip bilner.

## IV. Milli synçylaryň ygtyýarlyklary we borçlary

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksine laýyklykda, milli synçylaryň hukuklary olaryň bellige alnan gününden başlanýar we saýlawlaryň netijeleriniň resmi taýdan çap edilen gününden tamamlanýar.

**Milli synçylar:**

– syýasy partiýalaryň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, raýatlaryň toparlarynyň wekilleri, dalaşgärler, synçylar, saýlawçylar bilen duşuşmaga;

– saýlawlara taýýarlyk görlüşine we olaryň geçirilişine, Türkmenistanyň saýlaw kanunçylygynyň berjaý edilişine syn etmäge;

– Türkmenistanyň saýlaw kanunçylygy, saýlawlara taýýarlyk görlüşi we olaryň geçirilişi barada öz pikirini aýtmaga;

– saýlaw toparlarynyň düzümine wekilleri we dalaşgärleri hödürlemek boýunça geçirilýän mejlislerde, ýygnaklarda, dalaşgärleriň saýlawçylar bilen duşuşyklarynda bolmaga;

– saýlawçylaryň sanawynyň düzülişine syn etmäge hem-de sanaw bilen tanyşmaga;

– saýlaw toparlarynyň mejlislerinde bolmaga;

– saýlaw gutulary möhürlenilende bolmaga, öňünden ses berlişine, ses berilýän jaýdan daşarda ses berlişine, saýlawlar güni saýlaw uçastogynda ses berlişine syn etmäge;

– saýlaw býulletenleriniň berlişine syn etmäge;

– sesleriň sanalyşynda doldurylan ýa-da doldurylmadyk islendik saýlaw býulletenine, şeýle hem saýlaw topary tarapyndan ses bermegiň jemleri hakyndaky teswirnamanyň we beýleki resminamalaryň düzülişine syn etmäge;

– sesleriň, berlen saýlaw býulletenleriniň, hakyky däl diýlip hasap edilen saýlaw býulletenleriniň, ulanylmaz ýaly edilen saýlaw býulletenleriniň sanalyşyna syn etmäge;

– saýlaw toparlarynyň ses bermegiň jemleri baradaky teswirnamalary we ol teswirnamalara goşulan resminamalar bilen tanyşmaga hukuklydyrlar.

**Milli syncylaryň:**

– saýlaw býulletenini bermäge;

– saýlawçylaryň ýerine saýlaw býulletenini doldurmaga;

– ses bermegiň gizlinligini bozýan hereketleri etmäge;

– saýlaw býulletenleriniň sanalyşyna gatnaşmaga;

– saýlaw toparlarynyň işine päsgel berýän hereketleri etmäge;

– saýlawlaryň öň ýanyndaky wagyz işlerini geçirmäge hukuklary ýokdur.

Wagyz işlerini geçirmek möwsüminde milli synçylar, esasan, onuň birmeňzeş, adalatly geçirilişine, wagyz maglumatlarynyň deň şertlerde ýerleşdirilişine üns bermelidirler.

Milli synçylar tarapyndan köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleriniň saýlawlar bilen baglanyşykly işlerine syn edilende, esasan, olaryň saýlawlar baradaky maglumatlary kanunçylyga laýyklykda we dogruçyl berýändiklerini, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde dalaşgärleriň hemmesi üçin wagyz işleriniň deň şertlerde amala aşyrylýandygyny synlamalydyrlar.

Milli synçylar öz işinde Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň, Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň, Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalarynyň, Merkezi saýlaw toparynyň saýlawlary guramak we geçirmek boýunça kararlarynyň düzgünlerini berjaý etmelidirler.

Milli synçylar saýlawlara taýýarlyk görlüşi we geçirilişi baradaky belliklerini we jemleýji pikirlerini saýlaw uçastogyndaky «Saýlawçylaryň we synçylaryň teklipleri» depderçesinde *(5-nji nusga)* ýazyp ýa-da saýlaw toparlarynyň agzalaryna dilden beýan edip bilerler.

Saýlaw möwsüminiň dowamynda milli synçylar tarapyndan saýlaw toparlarynyň kararlaryna ýokarda durýan saýlaw toparyna ýa-da kazyýete şikaýat edilip bilner. Şikaýata onuň gelip gowşan pursadyndan beýläk 3 günüň dowamynda, saýlawlaryň öň ýanyndaky ýa-da saýlawlar güni bolsa haýal etmän seredilmelidir.

Şikaýat boýunça kabul edilen karar şikaýat eden milli synçynyň dykgatyna ýetirilýär.

Milli synçylar saýlawlar güni ses bermek we ses bermegiň netijelerini takyklamak boýunça işleriň ýerine ýetirilişiniň umumy netijelerini şu gollanmanyň *6-njy nusgasyna* laýyklykda görkezip bilerler.

*5-nji nusga*

______________________________

**(geçirilýän saýlawlaryň senesi)**

______________________________

______________________________

**(geçirilýän saýlawlaryň ady)**

______________________________

______________________________

(saýlaw toparynyň ady)

# SAÝLAWÇYLARYŇ WE SYNÇYLARYŇ TEKLIPLERI

*6-njy nusga*

**20__-nji(y) ýylyň __-nji(y) marty**

# TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ, WELAÝAT, ETRAP, ŞÄHER HALK MASLAHATLARYNYŇ, GEŇEŞLERIŇ AGZALARYNYŇ SAÝLAWLARY

## Milli synçylaryň saýlaw uçastogynda ses bermegiň barşy boýunça bellikleri

**____________ welaýatynyň (Aşgabat şäheriniň) ______________ etrabynyň (şäheriniň) ___-nji(y) saýlaw uçastogy**

| | |
|---|---|
| Saýlaw uçastogy bellenen wagtda açyldymy? | hawa ýok<br>☐ ☐ |
| Ses bermek başlanmanka saýlaw gutulary möhürlendimi? | hawa ýok<br>☐ ☐ |
| Ses bermegiň gizlinlik esaslary ýerine ýetirildimi? | hawa ýok<br>☐ ☐ |
| Saýlawçylardan onuň şahsyýetini tassyklaýan resminamasyny görkezmekleri talap edildimi? | hawa ýok<br>☐ ☐ |
| Saýlaw býulletenlerine möhür goýlup, gol çekildimi? | hawa ýok<br>☐ ☐ |
| Saýlawçylar bellenen düzgünleri bozup, kabinalaryň daşynda ses berdilermi? | hawa ýok<br>☐ ☐ |
| we ş.m. | hawa ýok<br>☐ ☐ |

## Saýlaw uçastogynda ses bermegiň geçirilişiniň umumy netijesi:

| Düzgün bozulma ýok | Ujypsyz düzgün bozulma | Birnäçe düzgün bozulma | Köp düzgün bozulma |
|---|---|---|---|
| ☐ | ☐ | ☐ | ☐ |

______________________________________________

(milli synçynyň familiýasy, ady, atasynyň ady)

____________________

(goly)

## V. Dalaşgärleri hödürlemek we olary bellige almak

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksine laýyklykda, Mejlisiň deputatlygyna, welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň, Geňeşleriň agzalygyna dalaşgärleri hödürlemek hukugy saýlawlaryň bellenen gününe çenli bellige alnan syýasy partiýalara, şeýle hem raýatlaryň toparlaryna degişlidir.

Saýlawlar gününe çenli ýigrimi bäş ýaşy dolan we soňky on ýylyň dowamynda Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan Türkmenistanyň raýaty Mejlisiň deputatlygyna dalaşgär hödürlenilip bilner.

Saýlawlar gününe çenli ýigrimi bir ýaşy dolan we degişli çäkde ýaşaýan Türkmenistanyň raýaty welaýat, etrap, şäher halk maslahatynyň, Geňeşiň agzalygyna dalaşgär hödürlenilip bilner.

Hödürlenilen wagtyna çenli iş kesilenlik aýyby öz-özünden aýrylmadyk ýa-da kanunda bellenilen tertipde aýrylmadyk adam dalaşgär hödürlenilip bilinmez.

Dalaşgärleri hödürlemek saýlawlara altmyş gün galanda başlanyp, otuz gün galanda tamamlanýar.

Dalaşgär hödürlemek boýunça geçiriljek mejlisler, ýygnaklar barada öňünden degişli saýlaw toparlaryna habar berilmelidir.

Mejlisiň deputatlygyna dalaşgärler syýasy partiýalaryň merkezi, welaýat, Aşgabat şäher, etrap, şäher guramalarynyň mejlislerinde (gurultaýlarynda, konferensiýalarynda, umumy ýygnaklarynda) hödürlenilýär.

Welaýat, etrap, şäher halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgärler syýasy partiýalaryň welaýat, Aşgabat şäher, etrap, şäher guramalarynyň mejlislerinde hödürlenilýär.

Geňeş agzalygyna dalaşgärler syýasy partiýalaryň etrap, şäher guramalarynyň mejlislerinde, ilkinji guramalarynyň ýygnaklarynda hödürlenilýär.

Syýasy partiýalaryň merkezi, welaýat, Aşgabat şäher, etrap, şäher we ilkinji guramalarynyň dalaşgärleri hödürlemek barada bilelikdäki mejlisleri, ýygnaklary geçirmäge hukuklary bardyr.

Syýasy partiýalaryň degişli guramalarynyň mejlislerinde, ýygnaklarynda Mejlisiň deputatlygyna, welaýat, etrap, şäher halk maslahatynyň we Geňeşiň agzalygyna birnäçe dalaşgär, ýöne her saýlaw okrugy üçin diňe bir dalaşgär hödürlenilip bilner.

Dalaşgärleri bilelikde hödürlän syýasy partiýalaryň merkezi, welaýat, Aşgabat şäher, etrap, şäher we ilkinji guramalarynyň soňra şol okruga özbaşdak dalaşgär hödürlemäge hukugy ýokdur.

Raýatlar toparlary tarapyndan Mejlisiň deputatlygyna, welaýat, halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgär hödürlenilende, raýatlar toparynyň ýygnagyna degişli saýlaw okrugynyň çäginde ýaşaýan saýlawçylaryň azyndan iki ýüzüsi, etrap, şäher halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgär hödürlenilende, raýatlar toparynyň ýygnagyna degişli saýlaw okrugynyň çäginde ýaşaýan saýlawçylaryň azyndan bir ýüzüsi, Geňeşiň agzalygyna dalaşgär hödürlenilende bolsa, raýatlar toparynyň ýygnagyna degişli saýlaw okrugynyň çäginde ýaşaýan saýlawçylaryň azyndan ellisi gatnaşmalydyr.

Syýasy partiýalara, raýatlaryň toparlaryna deň şertlerde dalaşgär hödürlemäge mümkinçilik döredilmelidir. Dalaşgärleri hödürlemek işlerinde haýsydyr bir tarapyň hukugynyň kemsidilmegine ýol berilmeýär.

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 48-nji maddasyna laýyklykda, Mejlisiň deputatlygyna dalaşgärleri degişli okrug saýlaw topary, welaýat, etrap, şäher halk maslahatynyň agzalygyna dalaşgärleri degişli welaýatyň, etrabyň, şäheriň saýlaw topary, Geňeş agzalygyna dalaşgärleri bolsa, geňeşlik saýlaw topary bellige alýar.

Bellige almak saýlawlara elli gün galanda başlanýar we saýlawlara ýigrimi bäş gün galanda tamamlanýar.

Dalaşgärleri bellige almak hakyndaky karar mejlisleriň, ýygnaklaryň dalaşgärleri hödürlemek baradaky teswirnamalary we dalaşgärleriň sese goýulmaga razydygy baradaky arzalary bar bolan mahalynda kabul edilýär hem-de bellige alnan dalaşgärlere şahsyýetnama berilýär.

Okrugyň, welaýatyň, etrabyň, şäheriň, geňeşligiň saýlaw topary degişli dalaşgärleriň bellige alnandygy hakynda teswirnama düzýär, bu teswirnama dalaşgärleriň razylyk arzalary bilen bilelikde degişli saýlaw toparynda saklanylýar.

Dalaşgärler haýsydyr bir saýlaw toparynyň düzümine girýän ýa-da synçy bolsa, ol bellige alnan pursadyndan toparyň düzüminden çykarylan ýa-da synçynyň ygtyýarlyklary bes edilen diýlip hasap edilýär.

Dalaşgär hödürlemekligiň we bellige almaklygyň düzgünleri Türkmenistanyň Saýlaw kodeksinde giňişleýin beýan edilýär.

# VI. Gaýtadan ses bermek we gaýtadan saýlawlary geçirmek

**Gaýtadan ses bermek:** Eger saýlaw okrugy boýunça üç we şondan hem köp dalaşgär sese goýlup, olaryň hiç biri hem saýlanylmadyk bolsa, degişli saýlaw topary has köp ses alan dalaşgärleriň ikisi boýunça okrugda umumy saýlawlardan soň iki hepdeden gijä goýman, gaýtadan ses bermegi geçirmek hakynda karar kabul edýär.

Kabul edilen karar hakynda uçastok saýlaw toparlary degişli saýlawçylary habarly edýärler.

Gaýtadan ses bermek Türkmenistanyň Saýlaw kodeksine laýyklykda geçirilýär.

Gaýtadan ses berlende, ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň seslerini beýleki dalaşgäre seredende köp ses alan dalaşgär saýlanylan diýlip hasap edilýär.

Eger-de dalaşgärleriň biri dürli sebäplere görä çykyp giden halatynda, galan dalaşgäre ses berilýär. Dalaşgär ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň sesleriniň ýarysyndan köpüsini alsa, ol saýlanylan diýlip hasap edilýär.

**Gaýtadan saýlawlary geçirmek:** Eger saýlawlarda saýlaw okrugynda sese goýlan dalaşgärler ikiden köp bolmasa we olaryň hiç biri hem saýlanylmadyk bolsa ýa-da saýlawlar hakyky däl diýlip ykrar edilen bolsa, ýa-da gaýtadan ses berilmegi kimiň saýlanylandygyny kesgitlemäge mümkinçilik bermedik bolsa, umumy saýlawlardan soň üç hepdeden gijä goýman, gaýtadan saýlawlary geçirmek bellenilýär.

Mejlisiň deputatlarynyň gaýtadan geçirilýän saýlawlary Mejlis tarapyndan bellenilýär.

Welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň agzalarynyň gaýtadan geçirilýän saýlawlary degişli welaýat, etrap, şäher saýlaw topary tarapyndan bellenilýär.

Geňeş agzalarynyň gaýtadan geçirilýän saýlawlary degişli geňeşligiň saýlaw topary tarapyndan bellenilýär.

Gaýtadan geçirilýän saýlawlar hakynda habar ilatyň dykgatyna ýetirilýär.

Gaýtadan saýlawlary uçastok saýlaw toparlarynyň täze düzüminiň geçirmegi baradaky karara gelnip bilner.

Gaýtadan saýlawlar umumy saýlawlary geçirmek üçin düzülen saýlawçylaryň sanawlary esasynda geçirilýär.

Gaýtadan geçirilýän saýlawlar umumy saýlawlardan soň üç aý möhletden gijä goýman, Türkmenistanyň Saýlaw kodeksine laýyklykda geçirilýär.

# MAZMUNY

Giriş ........................................................................................ 7

I. Umumy düzgünler ...................................................................... 9

II. Saýlawlary bellemek we olary
geçirmegi üpjün etmek ................................................................ 10

III. Milli synçylary bellemek we olary bellige almak ................. 13

IV. Milli synçylaryň ygtyýarlyklary we borçlary ........................ 18

V. Dalaşgärleri hödürlemek we olary bellige almak .................. 23

VI. Gaýtadan ses bermek we gaýtadan saýlawlary geçirmek...... 26

# BELLIK

# BELLIK

Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň,
welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň
agzalarynyň saýlawlary

# MILLI SYNÇYLAR ÜÇIN

## GOLLANMA


| | |
|---|---|
| Redaktor | *O. Ataýewa* |
| Surat redaktory | *O. Çerkezowa* |
| Teh.redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Kompýuter bezegi | *T. Öwezgeldiýewa* |

TDKP № 2023

Çap etmäge rugsat edildi 01.02.2023. Ölçegi $60x84^{1}/_{16}$.
Edebi garniturasy. Şertli çap listi 1,86. Şertli reňkli ottiski 5,11.
Hasap-neşir listi 1,39. Çap listi 2,0. Sargyt № 91. Sany 8500.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
744000. Aşgabat. Garaşsyzlyk şaýoly, 100

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat. 2127-nji (G.Gulyýew) köçe, 51/1.

